# Köksüz geljek – hyýaly ýalandyr!

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Köksüz geljek – hyýaly ýalandyr! KÖKSÜZ GELJEK – HYÝALY ÝALANDYR!




Sagdyn, peýdaly, hapalanmadyk söz bilen hapa, zyýanly, ýalan-ýaşryk, töhmet bilen eriş-argaç bolan söz Gurhanda agajyň mysalynda täsin formada suratlandyrylýar:
*«Alla arassa sözüň mysalasyny nähili beýan edendigini göreňokmy? Ol arassa agaç ýalydyr. Köki sagdyndyr we şahasy bolsa gögüň ýüzündedir. Özem Rebhiniň rugsady bilen her pasyl miwesini berip durandyr. Alla ynsanlara (ine, şeýle) mysallar berýär welin (üýtgewsiz hakykaty), oýlanyp, özlerine sapak alsynoar. Hem hapa sözüň ýagdaýy bolsa köki topragyň ýüzüje çykarylan, doly pytrap ýaran, port, çüýrüķ agajyň ýagdaýyna meňzeýär» («Ybraýym» süresi, 24-36).*
Her agyzdan çykan we ýazuwa geçirilen zat söz bolup bilmez. Söz – kelam diýmek. Söz – grekleriň «logos» diýýänidir. Ol

şeýle bir sözdür welin, bize hakykaty açyp görkezýär. Hakykaty açyp görkezmek bilenem çäklenmeýär, söz şol bir wagtyň özünde sözi aýdýanyň üsti bilen hakykaty başgalara görkezýär. Beýlekileri, ýagny, hakykat bilen gatnaşygyny kesen warsakydyr.
Warsaky çöp-çalam ýalydyr. Agajyň köki sagdyn bolsa, onuň sözi bolan miwesi sagdyndyr, bitewidir, peýdalydyr, ýaramlydyr, ýokumlydyr.
Köki daşarda bolan agajyň miwesi edil agajyň özi ýaly çalaja öwsen şemala-da yňdarylyp, ýok bolar gider. Käbir sözler bar, adamzat taryhynyň ähli döwürlerinde belent ýaňlanýar, emma käbir warsakylaryň ýerem çöp-çalam ýaly çöp-çalamlykdyr, zir-zibillikdir.

- **Söz hemmetaraplaýyn bolup bilýäniň erkindedir**

Orny öňden zir-zibil bolanlaryň hakykaty ýoýmakdan, ýalan-ýaşrykdan, ýalňyşdan başga bilýän zady bolmaz. Taryhyň dürli döwründe ýolundan ýörelen we aýdylyp gelinýän sözler hakykatyň aňlatmasydyr. Pygamberlrriň, ahlak gahrymanlarynyň, alymlaryň, genileriň sözleri, ine, şeýle sözlerdir. Hem şol sözler adamzadyň şamçyragydyr. Ol sözleriň eýeleriniň milleti bilenem, dini bilenem, jynsy bilenem gyzyklanylmaýar. Olar diňe hakykaty aýdýarlar. Külli adamzat olaryň sözlerinden dowa tapýarlar.
Ol sözlerde men-menlikden aşylýar. Ol sözlerde nebis ýok. Ol sözler şahsda hemmetaraplaýynlygy aňladýar.
Şu günüň dünýäsinde şular ýaly sözlere mätäçlik duýýarys. Emma indi beýle sözleri aýdýanlar ýok. Diniň adyndanam, adamzadyň adyndanam, ahlagyň adyndanam dikilen ähli agaçlaryň köki topragyň çuňluklarynda däl.
Şu günüň adamy köksüz geljegiň hyýalyny ýüwürdýär. Köksüz geljek hyýaly ýalandyr. Bu illýuziýa sebäp bolanlar adamzada, ahlaga, aň-düşünjä hyýanat edenlerdir. Emma, gynansak-da, olar hakykatdan daşdakylar tarapyndan sylaglanyp, sarpalanyp gelinýär. Dünýä bular ýaly adamlaryň sylaglanýan dünýäsi bolmakdan daşlaşan ýagdaýynda, hakyky dünýäligine gowuşar. Ýogsam bolmasa, madda many-mañzy, daşky görnüş (gözboýagçylyk) hakykaty ýeňer ýörer. Wessalam…

Aýşe SUJU.

«SÖZCÜ» gazeti, 04.12.2023 ý. Edebi makalalar